# Kiçijik hekaýalar

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kiçijik hekaýalar KIÇIJIK HEKAÝALAR

- **Toýda**

Toý gyzypdy. Birdenem başagaýlyk aralaşdy. Toýuñ eýesi hyzmat edip ýören iki-üç adama nämedir bir zatlar barada görkezme berişdirip, gazanlaryñ başyndaky eli kepgirli adamynyñ ýanyna geldi.
– Hälki bagröýken nirede?
– Şol goýan ýeriñde ellenmänjik durandyr?
– Kellebaşaýak?
– Olam taýýar.
– Onda bagröýkenden dessine şara-şura ediñ. Soñam kellebaşaýagy aýratynja gaba salarsyñ. Çişligem çişi bilen-ä, üç-dört sanysyny, soñam aýratynlykda-da bäş-alty sanysyny, düşündiñmi?..
Toý eýesi aşpezlere ýene bir topar zatlary tabşyryşdyryp, aljyrañlylyk bilen akly-gyzylly çüýşeleriñ saklanylýan jaýyna sümüldi.
Az salymdan içi haşamly otaglaryñ birine dürli-dümen naz-nygmatlar daşalyp başlandy. Dürli-dümen zatlardan saçagyñ ýüki ýetirilensoñ, ýañky arzyly otaga giren kolhozyñ başlygy bilen diñe toý eýesiniñ özi boldy. Jebis ýapylan gapa-da pitiwa etmän, daş işikde gözegçem goýdular.

- **Gürrüñdeşlik**

– Nähili, ýag iýýärmi?
– Ýok, señki nädýär?
– Meñkimi, soñky gezek haçan guýanymam ýadymdan çykyp gidipdir.
– Onuñ ýaly bolsa gowy-la.
– Aý, onda-da men-ä hyrydar tapsam ýelmärmikäm öýdýän.
– O näme üçin, alanyñ ýañy dälmi?!

– Alanym-a ýaňy welin, motory dördünjiňki-dä. Öz motory bilen altynjyň birini edinäýsem diýýän.
– Şony şeýdäýmeg-ä, meniňem hyýalymda ýok däl…
Bu gürrüň gonamçylykda boldy. Şol gün uly iliň sylaýan-hormatlaýan bir ýaşulysy aradan çykypdy. Merhum içki jaýda ýerleşdirilensoň: «Ahaw inim, hany gel, beýdip, keseki ýaly bolup oturma-da, ataň üstüne bir pil gum okla. Adamlar saňa garaşýar» diýip, ýaňky maşynly gürrüň bilen gümra bolup oturan ýigide ýüzlendiler.
«Özüňiz atyberiň, adamlar, rugsatdyr».
Atasy iň soňky ýoluna ugradylanda-da, ol ýigidiň aladasy maşyn hakdady.

- **«Abraý»**

Myhmançylyga gelen bir epeý ýigit oturanlar bilen çalaja baş atyp salamlaşdy-da, abşarylyp töre geçdi.
Her sapar ol adam gürrüňçilige goşulanda:
– Şol gezek maňa Pylany Pylanyýewiç şu zatlary aýtdy… Şunuň ýaly ýerde Pylany Pylanyýewiç bilen otyrkak… – diýip, tanymal adamlaryň atlaryny tutýardy. Olar bilen özüniň ýakyn tanyşlygyny mazamlap, kesekiň şöhratyndan özüne mertebe gazanjak bolýardy. Emma gapdalyndaky oturanyň şol Pylany Pylanyýewiçdigini welin tananokdy. Sebäbi ol aslynda Pylany Pylanyýewiç dagy bilen heniz ýekeje gezegem ýüzbe-ýüz bolman eken.

Arslan MÄTEROW.

«Tokmak» žurnaly, 1990. Hekaýalar